# Öwütlerim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öwütlerim ÖWÜTLERIM



Saňa ömür beren Taňry,
Muny senden alyp biler.
“Dogry” diýip eden işiň,
Ömüriňe aýyp biler.
Haýyr, yhlas, ygtykadyň –
Ömür çyrasyn ýakdygyň!
Bolma guly baknalygyň,
Şeýtan muny keýp biler.

Şagallara şam bolmagaý,
Gagallara jan bolmagaý,
Bigadyra han bolmagaý,
Görer gözüň oýup biler.

Köpelipdir görümsizler,
Ata-baba tärimsizler.
Doň ýürek däl, dözümsizler,
Dözüm eýläp, diýip biler.

Döwer döwet galamyňy,
Almaz taňry salamyňy,

Oda ýakyp galaýyny,
Göze gurşun guýup biler.

Daş bolawer bahyllardan,
Göwnüň geçer jahyllardan.
Ýalan ýazan şahyrlardan,
Meger, dünýä doýup biler.

Pyragyny jäht eýlediň,
Dogry söze äht eýlediň,
Sen meni şehit eýlediň,
Arşda muny gaýyp biler.

10.04.2024. Goşgular